# Nereida

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nereida NEREIDA

Baglar öpüşýär ýerde gözel Tawrida bilen,
Meñ görejim sataşdy dañdan Nereida bilen.
Gök baglara duwlanyp, nämeleri gördüm men:
Melegiñ ak göwsünde ak guw dek assa-assa bökýärdi,
Öl saçynyñ suwuny şabyrdadyp sykýardy.

* * *

Göçýän bulutlar dagap, durlanýar asman ýüzi,
Göründiñ gamly ýyldyz, eý, agşamyñ ýyldyzy.
Gara daglar gerşinde, aýlaglarda urup bark,
Solan çöli  meýdany etdiñ kümüş nura gark.
Seniñ salýan öçügsi şöhläñe yşkym bardy,
Ol meniñ gama batan oýlarym oýarýardy.
Meniñ tanyş ýyldyzym, saña garan badyma,
Ol mähriban, parahat ülke düşýär ýadyma.
Jülgesinde derekler hatar duran diýarda,
Belent-belent serwiler çadyr guran diýarda,
Günorta tolkunynyñ ýañlanan ülkesinde,
Aý aýdyñ gijelerde şöhle saçýardyñ sen-de.
Ýüregimde gam gussa joşgun uran çaglarda,
Gezýärdim men deñize owsun atýan daglarda.
Külbeleriñ üstüne gije ganat ýaýanda,
Bir nowjuwan gyz seni garañkyda gözledi,
Öz adyn saña dakyp, boýdaşlarna sözledi.

Aleksandr PUŞKIN.

Terjime eden: Çary AŞYR. Goşgular